# Agajym

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Agajym AGAJYM

Eken ýylym meniň kölgäm abanyp,
Düşüpdi, agajym seniň üstüňe.
Ýelden, günden, bet çagadan gabanyp,
Gorapdym boş haýwan gelse kastyňa.

Ýaz ýagşyna gök ýapraklaň buldurap,
Indi meniň süýr depämden bakyp dur.
Sowuk suwly dury çeşme şildiräp,
Damarlaňňy gana suwa ýakyp dur.

Göýä asman diregi dek dik uzap,
Bulutlara ýetip barýar boýuň-da.
Bu gün seň saýaňy gül bilen bezäp,
Attestat toýuny edýän teýiňde.

Işanguly GULJAÝEW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 1958 ý. Goşgular